# At gaýraty

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
At gaýraty AT GAÝRATY / hekaýat

Salyr Gazan zamanynda bir oguz gerçegi ýarag esbabyny dakynyp, dor atyna atlanyp, hanyň ýanyna baryp, özüni nökerlige almagy haýyş edipdir. Salyr Gazan ony tanamansoň, synagdan geçirmegi ýüregine düwüp, ýigidi maşgalasy bilen giň sähra goýberip, ýaraglaryny ýerzeminde goýup, özi-de bir depä çykyp, gernip, güneşläp ýatyrka, iki sany atly gelip, onuň öýüni talap gidýärler. Aýal agysyny eşidip, öýüne ylgap gelen gerçek gelninden: «Näme boldy?» diýip soranda, gelni oňa öýüniň ýagmalanandygyny görkezýär.
Ýigit gelnine:
– Atym barmy? – diýýär.
Gelni sähradа otlap ýören atyny görkezýär. Ýene-de ýigit gelnine:
– Ýarag-esbabym düzmüdir? – diýýär.
Gelni ýerzemine tarap ümleýär:
– Atym bolsa, ýaragym bolsa, özüm bolsam, zadymam bolar – diýip, ýaraglaryny dakynyp, atyna atlanyp, ýagmaçylaryň yzyndan kowýar.
Ýigit olaryň gabat garşysyna baryp:
– Ýeke başmy, iki baş? – diýip soraýar.
– Sen bir gögele bolansoň bize ýeke başam bolýar – diýip, ýekme-ýek söweşe gidýärler.
Ýigit ähli güýjüni goýup söweşýär. Ahyrda garşydaşynyň gylyjyny elinden gaçyrýar. Onsoň ikinji «duşman» bilen garpyşýar. Eýesiniň güýjüniň gaçyp, asgynlanyny duýan dor at «duşmanyň» aýagyndan agyz salýar. Şol wagt ýigit hem onuň elindäki gylyjyny göge uçurýar. «Duşmanlar» ýeňlip, Salyr Gazanyň ýanyna barýarlar.
Olaryň birinjisi:
– Ýigit güýji zor ekeni – diýip, goluny görkezip, boýnuny sallap durýar.

Olaryñ ikinjisi:
– Aty özündenem zor ekeni – diýip, aýagyny görkezýär.
Ýigit bolsa öýüne ähli goşlaryny getirýär-de:
– Atym bolsa, ýaragym bolsa, özüm bolsam, zadymam tükeldir – diýenden adamsynyñ edermenligine buýsanyp, seredip duran gelnini görüp: «Hatynym hem» diýip pyşyrdapdyr.
Şondan soñ Salyr Gazan gerçegi syýrgynyna göçürip getirip, ony öz ýanyna nökerlige alypdyr.

Toplan: Ajap AŞYROWA. Halk döredijiligi we rowaýatlar